# PARLAMENTARA GATNAŞYKLAR PARAHATÇYLYGYŇ WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINE GÖNÜKDIRILEN NETIJELI HYZMATDAŞLYGYŇ MÖHÜM UGRUDYR

Türkmenistanyň Mejlisinde Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygynyň «Parahatçylygyň, gülläp ösüşiň we özara ynanyşmagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly plenar mejlisi geçirildi. Bu duşuşygy geçirmek baradaky başlangyjyň Gahryman Arkadagymyza degişlidigini bellemek gerek.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda geçirilýän duşuşygyň «Parahatçylygyň, gülläp ösüşiň we özara ynanyşmagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly plenar mejlisine Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygy, Gazagystan Respublikasynyň Parlamentiniň Majlisiniň Başlygy, Gyrgyz Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň Başlygy, Täjigistan Respublikasynyň Oli Majlisiniň Nomaýandogan Majlisiniň Başlygy, Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň Kanunçykaryjy palatasynyň Başlygy we bu ýurtlaryň parlamentarileri gatnaşdylar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Türkmenistan saýlap alan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, netijeli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny alyp barýar.

Ösüşiň täze belentliklerine barýan ýurdumyzyň her bir güni taryhy we ýatdan çykmajak wakalara beslenip, biziň milli we ruhy baýlyklarymyzy dünýä ýaýýar. Ýakynda dünýä döwletleriniň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum hem  halklaryň we ýurtlaryň arasynda medeni we ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde, biziň halkarymyzyň we ýurtlarymyzyň dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde uly ähmiýete eýe bolup durýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Türkmenistanyň parlament diplomatiýasy ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda üstünlikli alnyp barylýar. Ol daşary ýurt döwletleriniň parlamentleri bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda gatnaşyklary ýola goýmak, halkara parlament guramalaryň we assambleýalaryň işine gatnaşmak, parlamentara dostluk toparlaryny döretmek, ýaş parlamentarileriň hyzmatdaşlygyny goldamak, zenan deputatlaryň işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça bilelikdäki parlament çärelerini guramak arkaly durmuşa geçirilýär. Munuň özi Bitarap döwletimiziň halkara başlangyçlaryny goldamakda möhüm gural bolup durýar we Gahryman Arkadagymyzyň öňe süren halkara gatnaşyklarda «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýasyny dünýä giňişliginde rowaçlandyrýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024

# PARLAMENTARA GATNAŞYKLAR PARAHATÇYLYGYŇ WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINE GÖNÜKDIRILEN NETIJELI HYZMATDAŞLYGYŇ MÖHÜM UGRUDYR

Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygy däp bolan dostlukly türkmen-koreý, türkmen-gazak, türkmen-gyrgyz, türkmen-täjik, türkmen-özbek gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmakda aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Koreýa Respublikasynyň Milli Assambleýasynyň Başlygynyň Türkmenistana amala aşyran sapary, Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýetiniň Seul şäherinde geçirilen Merkezi Aziýanyň we Koreýa Respublikasynyň Parlamentleriniň ýolbaşçylarynyň birinji duşuşygyna gatnaşmagy türkmen-koreý parlamentara hyzmatdaşlygyny berkitmäge mümkinçilikleri döretdi.

Häzirki wagtda ýurtlaryň parlamentleriniň arasynda döredilen dostluk toparlarynyň işini kämilleşdirmek, iki döwletiň barha işjeň häsiýete eýe bolýan söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň kanunçylyk esaslaryny berkitmek, halkara parlament meýdançalarynda birek-biregiň başlangyçlaryny goldamak arkaly hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek boýunça işler alnyp barylýar. Munuň özi döwletara gatnaşyklary parlament diplomatiýasynyň çäklerinde goldamakda özara pikir alyşmaga we öňde durýan wezipeleri aýdyňlaşdyrmaga ýardam edýär.

Parlamentarileriň çykyşlarynda şu duşuşyga gatnaşýan döwletleriň milli parlamentleriniň arasynda netijeli özara gatnaşyklary has-da berkitmegiň möhümdigi bellenildi. Munuň özi häzirki döwrüň derwaýys meseleleriniň deňagramly çözgütleriniň işlenip düzülmegine, ýurtlaryň we halklaryň arasynda däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň, özara düşünişmegiň, ynanyşmagyň pugtalandyrylmagyna, ählumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän köptaraply döwletara, sebit we sebitara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýardam berer. Şeýle-de häzirki döwrüň talaplaryna, türkmen halkynyň köpasyrlyk milli ýörelgelerine esaslanýan hemişelik Bitaraplygyň özboluşly nusgasyny durmuşa geçirýän Türkmenistanyň bu ugurda baý tejribesiniň bardygy, ýurdumyzyň hoşniýetli hyzmatdaşlygyň we dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegini maksat edinýän ynsanperwer döwlet syýasatynyň dünýä bileleşiginde uly goldaw tapýandygy nygtaldy.

Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda ýokary guramaçylyk derejesinde geçen bu duşuşyk Türkmenistanyň dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy hökmünde diňe bir özara gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen ähmiýetli başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň durmuşa geçirilmegi ugrunda hem uly tagalla edýändiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

Все права защищены